# Toý ömrüň esasy mazmunymy? Şoñ ugrunda ömrüni sarp edýänleriň kyssasy

Category: Hekaýalar,Jemgyýetçilik tankydy,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Toý ömrüň esasy mazmunymy? Şoñ ugrunda ömrüni sarp edýänleriň kyssasy TOÝ ÖMRÜŇ ESASY MAZMUNYMY? ŞOŇ UGRUNDA ÖMRÜNI SARP EDÝÄNLERIŇ KYSSASY




*«Durmuşy hekaýalarda» adamlaryň dabaraly toý tutmak üçin nämeleri elden gidirýändigi hakynda okaň!*

- **Toý adam saglygyny pida eder derejede möhüm dessur däl**

*Marhabo 21 ýaş, Samarkant:*

— Agamy 1 ýyl mundan öň adagladyk. Şol günden bäri öýümizde diňe toýyň nähili geçmelidigi, haýsy bagyşlary çagyrmalydy hakyndaky meseleler gürleşilýär. Men okuw tölegimi talyp kreditinden töledim, häzir mümkinçiligimiz ýokdugyny aýdyp, jigimem goşmaça okuw sapaklaryndan aýyrdylar. Jigim örän

zehinli çaga, muňa gaty gynandy. Ýakynda toý tutmaly. Maşgalamyzda kakam, ejem, agam işleýär. Men talyp bolsamam işleýän, ýöne gazanjym kän däl, gazanýanym özümden artanok.
Meni aladalandyrýan zat başga– ýakynda lukmanlar ejemiň döşünde rak hassalygynyň alamatlary bardygyny aýtdylar. Gijä galdyrman bejergi almana başlamaly, soňra giç bolmagy mümkin eken. Ýöne toýyň çykdajylary sebäpli ejem ýüzleý bejergi almakdan aňry geçenok. Mejburlasagam «Gudalaryň öňünde ýüzügara bolarys» diýip özüni köseýär. Içmeli däri-dermanlaryny almasa almaýar, ýöne şu yssyda her hepde serpaý almak üçin bazara ylgaýar. Nädip düşündirjegimizi bilemizok. Kakam bilen agamam her dürli ýol bilen düşündirmäge synanyşdy, soňy göz ýaş, «men bir gezek toý tutýan, hemmeler nähili toý ederka diýip seredip durlar. Bejergi gaçyp baranok. Meň has beterleşmegimi islemeseňiz öz günüme goýuň» diýýär. Agam öýlenýändigine müň puşman etdi. Ýöne ejeme bir zat diýmäge bogny ysanok.
Toý tutýandygymyz üçin hemme çykdajylary iň az derejä düşürdik, aýtsam ynanmarsyňyz, hatda iýip-içgidenem gysdyk. Ýöne gudalar bilen ýekeje dessuram sypdyramyzok. Meselem her haýytda, baýramçylyklarda-da dabaraly myhmançylyga çagyrmalar, «öý görkezmegiň» çykdajylaryna hiç zat tygşytlananok. Her dürli naharlar, süýjilikler, serpaýlar. Bularam ýetmeýän ýaly häzir biz tarapda serpaýyň ýanyna bir tylla goşup bermek däp bolupdyr.

**• Ene-atamyň göwnündäki ýaly toý tutmak üçin azyndan ýene üç ýyl işlemeli bolaryn**

*Mirzohid 31 ýaş, Horezm:*

– Ýaşym otuz bir, dokuz ýyldan bäri daşary ýurtda gurluşykda işleýän. Maşgalada ýeke ogul, ata-enemiň isleg-arzuwlary kän. Şu wagta çenli işläp, aýal doganymy we jigimi durmuşa çykardym. Gelen wagtlarymda bu ýerde gazanjym erbet däldi, gazanjymy jemlesem ep-esli pul bolýardy. Jigimi durmuşa çykaranymyzda mebeli giýewiň özi aldy. Ýöne şoňa görä jogap bermesek uýada galarys diýip stol-stullary artykmajy bilen

ugratdyk.
Indi gezek meňki, ýöne dogrusy Özbegistana baryp öýlenesim gelenok. Sebäbi muň üçin häzir mümkinçiligim ýok, bärde-de işim öňküsi ýaly däl. Meň içimi ýakýan zat meň üç ýylda gara dere batyp ýygnan pulumyň ýeke toý üçin sarp edilmegi.
Galyň puly, toýyň çykdajylarynada esli gidýän eken. Dabaraly toý hökman däldigini aýtsam kakam «men il-güniň toýuna gatnaşyp iýdim-içdim, indi özüm şonlardan gaçmalymy» diýip öýkeledi.
Ýöne olaryň isleýşi ýaly toý etmegim üçin ýene azyndan üç ýyl işlemeli bolaryn.
Pandemiýa döwründe toýlar kiçijik tutuldy, muňa hemme öwrenişdi indi şoň ýaly bolar diýip oýladym. Ýok, hemmelerde düşünje üýtgemändir.

**• Gymmat haly bermedi diýip aýtsalaram hiç zat bolmazdy**

*Nasir aga 57 ýaş, Daşkent:*

— Üç perzendim bar. Bir gyzymy durmuşa çykaranyma iki ýyl boldy. Dogrusy uly gyzymy durmuşa çykaranymda alan karzlarymy entek üzüp bolmandym. Mebel berip bilmedik iň bolmanda haly, perde ýaly zatlaryň gowusyndan alyp bereli diýipdiris. Bu aýallar oýlap tapyberýän eken şoň ýaly zatlary.
Arada oglumyň halaşýan gyzyny başga birine bermekçi bolýandyklaryny eşidip oňam toýuna başladyk. Alty aý öň toý tutupdym. Ýene ep-esli bergä batdym. Garyndaşlar kömek etdi, heniz kän gazanmasada, oglumam işleýär. Özüm hökümet işinde, daşyndan işlemesem bolmaýar diýip «arenda» maşyn aldym — kireý edýän. Hemä maşynyň kireýini, hemem bergileri bermek üçin gije gündiz işlemesem bolanok. Käwagt kiçiräk toý etsem bolmazdymy diýip öz-özüme gaharlanýan. Aýalym başgalaryň toýuny aýdyp höwes edende, göz ýaş dökende, men göwni ýukalyk edäýipdirin. Şonda berkiräk durmaly ekenim.

**• Gelinsalam diýen «haryt alyş-çalyş» dessurynyň özünde göwnedegişlik başlady**

*Sahyba daýza, 46 ýaş, Daşkent welaýaty:*

—Ýeke özüm üç gyzy ulaltdym. Oglumyz bolmandygy üçin ýoldaşym bilen aýrylyşdyk. Şu gyzlarymyň ýüzi gyzarmasyn, hiç kimden kem bolmasyn diýip çagalygyndan bukja ýygýan. Öňräk uly gyzymy durmuşa çykardym. Guda tarap mebelem bize aldyrdy. Alaçsyz kredit alyp, hemme aýdan zatlaryny artykmajy bilen alyp berdim.
Gudamyzyň garyndaşlaryna gowy serpaýlar almandygymyz üçin, birinji günüň özünde, gelinsalam diýen «haryt alyş-çalyş» dessurynda göwnedegişlik döredi.
Ýazgyt eken, gyzym göwreli halyna aýrylyşdy. Häzir öýümde. Aýma-aý alan mebellerimiz bilen enjamlarymyzyň kreditini töleýäs. Ýapan serpaýlarym, mebellerim öýümde ulanylman ýatyr. Şolary ýygýançam gyzymy okatsam boljak eken, indi ökünýän. Indi çagasy bilen nädip gün görerka? Kredit üzjek diýip beýleki gyzlarymam okadyp bilemok.

Taýýarlan: Gülmire DAŞNYÝAZOWA.

15.07.2014 ý.

Terjime eden: Saparmyrat GÜRGENÇLI. Jemgyýetçilik tankydy